# Ýer şarynyñ kyýamaty

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýer şarynyñ kyýamaty ÝER ŞARYNYÑ KYÝAMATY

*Kuranyñ Ýer şarynyñ kyýamaty baradaky jümleleri ünsli öwrenilende, bu simwoliki düşündirişleriñ sferalaýyn apy-tupanlar zerarly ýaşap bolmajak derejä gelen ýer togalagyna ünsi çekmek isleýändigine düşünip bolýar.*

Şu ýerde sferalaýyn apy-tupanlaryñ ýer ýüzüni ýaşap bolmajak ýere öwürmegi meselesinde ylmyñ berýän maglumatlary bilen Kuranyñ maglumatlarynyñ gabatlaşýandygyny dykgatyñyza ýetireliñ.

- **ZÄHERLI GAZLAR MESELESI**

Zäherli gazlaryñ atmosferany gurşap almagy we ýaşaýyşy kynlaşdyrmagy Kuranyñ nukdaýnazaryndan seredende kyýamat alamatydyr.
«Dühan» süresiniñ 10-12-nji aýatlarynda şeýle diýilýär:
***«Indi sen, asmanyñ açyk görüp bolýan duman getirjek gününe seret! Adamlary gurşap alar. Iñlediji azapdyr bu! «Eý Rebbimiz! Aýyr bizden bu azaby. Biz hakykatdanam möminlerdiris.»***
Kuranyñ bu beýanyna häziriñ alymlary şu düşündirişi goşýarlar: Zäherli gazlaryñ atmosferany zaýalamagy netijesinde hapalanan howa sebäpli tebigy resurslar weýran bolar, ýaşaýyş barha kynlaşar.
Hemmämizem gowy bilýäris, howanyñ zäherlenmegi ozon gatlagyny deşdi we bu deşik Stiwen Hokingiñ aýtmyşlaýyn «Amerika yklymynyñ üç esse ululygyna ýetdi. Bu deşik sebäpli dünýä gorkunç radiasion we ultrawiolet ýagyşynyñ howpy astynda.
Hut Hokingiñ özi bu ýakymsyz faktyñ kyýamat alamatlarynyñ biridigini aýdýar.
Alymlaryñ ünsi çekýän «ýer ýüzüniñ çölleşmegi-de Kuranyñ aýdýan kyýamat alamatlarynyñ biri bolup öñe çykýar.

Buzluklardaky ereme maýylganlyk howpuny artdyryp, ýer ýüzüniň ösümlik örtügini gitdigiçe ýukaldýar. Munuň netijesinde iň hasylly topraklaram çölleşer. Kuran munuň üstünde kyýamat alamatlarynyň biri hökmünde ýörite durup geçýär. Bu baradaky esasy maglumatlar «Kehf» süresinde berilipdir.

Birinjisi, esasy ýagdaýy görkezýän 47-nji aýatdyr. Onda şeýle diýilýär:

***«Ol gün şeýle bir gündür welin, daglary ýerinden oýnadarys, ýer ýüzüni çuw-ýalaňaç halda görersiň. Adamlary huzurymyzda toplap, aralaryndan ýekesinem hasaplaşykdan goýmarys.»***

Ikinjisi, bu «çuw-ýalaňaç goýmagy» has jikme-jikleşdirýän 7-8-nji aýatlarda şeýle diýilýär:

***«Biz ýer ýüzündäki zatlary şeýle bir owadan etdik welin, adamlary aralaryndan haýs6 iş we önümçilik taýdan has gowy diýip synap göreliň. Hem şulam bir hakykat: elbetde, biz ýer ýüzündäki hemme zady ösümlik ösmeýän, gurak we ölüme äkidýän gup-gury toprak görnüşine getirjekdiris.»***

Şu aýatlardan görnüşi ýaly, ýer ýüzi bir gün üstündäki ösüp oturan agaçlardyr ösümlikler bilen birlikde guramaly we gytçylyklara, ölümlere ýol açýan gowrulyp ýatan bir gysym topraga öwrülmeli.

Aýsbergleriň eremegi bilen bile artýan gyzgynlygyň ýer ýüzüne getirjek güni, ine, şular ýalydyr. Bu günüň aýylgançlygyny adamzada iň gowy mysallar bilen aňladan meşhur fizik Stiwen Hoking şeýle diýýär:

«Dünýämiziň atmosferasynyň şu maýlap gidişine, lasyrdap gaýdaýan sernyý kislota-asetonly Wenera meňzemeginden gorkýaryn».

Stiwen Hoking biziň Kurana salgylanyp aýdýan hemme duýduryşlarymyzyň barsyny diýen ýaly fizikaçy alym hökmünde birin-birin düşündirip, adamzadyň öňümizdäki müň ýylyň içinde ýok bolma howpy bilen ýüzbe-ýüz bolandygyny orta atýar.

Biziň pikirimizçe Hokingiň bu duýduryşynyň özi kyýamat alamatydyr. Elbetde, bu diňe ybrat alyp, yrfany we imany gözden düşürmän üns bilen diňleýänler üçin…

- **ÝADRO ÝARAGLARYNYŇ HOWPY**

Tebigata we tebigy deňagramlylyga howp salýan iň uly zyýanlardan birem esasan ýaraglar, aýratynam ýadro ýaraglarydyr. Ýadro howpunyň näderejede aýylgançlygyna göz ýetirmek üçin şu fakty mysal getireliň: Ýadro ýaraglarynyň 1985-nji ýylda baryp ýeten derejesi 58 milliard adamy öldürip bilmäge ukyply güýçdi.
Siz indi onuň 2000-nji ýyldan soňky ýeten derejesiniň abandyrýan howpuny we aýylgançlygyny göz öňüne getiriň.
Ýadro ýaraglarynyň abandyrýan howpuna dogry düşünmek üçin 1986-njy ýyldaky Çernobyl partlamasyny ýatlamagam ýeterlik bolsa gerek. BMG bu hadysany taryhyň iň uly tehnologik heläkçiligi hökmünde hasaba aldy. Ýedi tonna agyrlykdaky radioaktiw madda daş-töwerege ýaýrady. Başky hasaplamalara görä 32 müň adam wepat boldy. Şol radioaktiw weýrançylygyň sebäp bolýan düwnük (rak) keselleri häzirem jan almaga dowam edýär.
Ikinji jahan urşunda Nagasaki we Hirosima şäherine atylan iki atom bombasyndan iki ýüz esse güýçli radiasiýa tolkunyny ýaýradan Çernobylyň syçrantgylary hünärmenleriň berýän habarnamalaryna görä, ýüzlerçe däl, müňlerçe däl, millionlarça ýyla çeker.
Hiç hili urşuň, sögüşiň, dawanyň ýokdugyny göz öňüne getireliň: dünýäniň eýlesini beýlesine öwürmek üçin Çernobyla meňzeş iki-üç sany «heläkçilik» ýeterlik.
Görşüňiz ýaly, adamzadyň gäbiniň azyp, tebigat bilen, Hudaý bilen gidişmegi bizi nirelere getiripdir.

23.02.2009 ý.

Ýaşar NURI ÖZTÜRK. Edebi makalalar